# Jenneti-Adnyň eşreti yşkyň hyýalydyr maňa…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jenneti-Adnyň eşreti yşkyň hyýalydyr maňa…



Jenneti-Adnyň eşreti yşkyň hyýalydyr maňa,
Iki jahanyň döwleti waslyň wysalydyr maňa.

Şah-a, hemişe gözlerim ýaşy bile gark olmuşam,
Derýa kylan göz ýaşymy hijriň melalydyr maňa.

Aşyk behişt-u hüýr üçin ah eýlemes, eý, dilruba,
Bagy-behişti-gülşeni husnuň hyýalydyr maňa.

Iki jahana bermezem ýaryň wysalyn, Gaýyby,
Dünýäýi-ukbada çün pygan ýaryň jemalydyr maňa. Goşgular